# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## «Tebigaty goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler girizmek hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2015 ý., № 3, 115-madda)

I. 2014-nji ýylyň 1-nji martynda kabul edilen «Tebigaty goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 40-njy madda) şu üýtgetmeleri girizmeli:

1. 7-nji maddanyň 15-nji bendini şu görnüşde beýan etmeli:

«15) tebigy serişdelerden peýdalanylandygy, daşky gurşawa hapalaýjy maddalaryň zyňylandygy (dökülendigi) üçin hem-de galyndylary bellenen çäklendirilen möçberleriň çäklerinde we bellenen çäklendirilen möçberlerden ýokary çäklerde ýerleşdirilendigi üçin, şeýle hem ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan hojalyk we beýleki işleriň amala aşyrylmagy netijesinde ýa-da Türkmenistanyň tebigaty goramak babatda kanunçylygynyň bozulmagy sebäpli olar tarapyndan daşky gurşawa ýetirilen zyýan üçin temmileriň möçberlerini hasaplamak üçin tölegiň esaslandyrylan ykdysady kadalaryny işläp taýýarlaýar we tassyklaýar;».

2. 8-nji maddanyň 1-nji böleginiň 7-nji bendini şu görnüşde beýan etmeli:

«7) önümçilik we durmuş galyndylaryny ammarlaşdyrmak, gaýtadan işlemek we gömmek üçin ýöriteleşdirilen meýdançalaryň ýerleşjek ýerlerini bellenen tertipde ylalaşýarlar;».

3. XIV babyň adyny şu görnüşde beýan etmeli:

**«XIV BAP. TEBIGATY GORAMAK BABATDA JEDELLERI ÇÖZMEK. ÝETIRILEN ZYÝANYŇ ÖWEZINI DOLMAK WE TÜRKMENISTANYŇ TEBIGATY GORAMAK BABATDA KANUNÇYLYGYNYŇ BOZULMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK».**

4. 61-nji maddany şu görnüşde beýan etmeli:

**«61-nji madda. Daşky gurşawa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak borjy**

1. Özleriniň hojalyk we beýleki işlerini amala aşyrmagynyň netijesinde ýa-da Türkmenistanyň tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmagy sebäpli daşky gurşawy hapalamak, tebigy serişdeleri

azaltmak, zaýalamak, ösümlikler we haýwanat dünýäsini ýok etmek, tebigy serişdeleri netijesiz peýdalanmak, ekologik ulgamlary, tebigy toplumlary, tebigy landşaftlary ýuwaş-ýuwaşdan ýaramazlaşdyrmak we ýykmak arkaly oňa zyýan ýetiren ýuridik we fiziki şahslar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýetirilen zyýanyň öwezini doly derejede dolmaga borçludyrlar.

2. Ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan hojalyk we beýleki işleriň amala aşyrylmagy netijesinde ýa-da Türkmenistanyň tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmagy sebäpli olar tarapyndan daşky gurşawa ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagy meýletin ýa-da kazyýetiň karary boýunça amala aşyrylýar.

3. Ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan hojalyk we beýleki işleriň amala aşyrylmagy netijesinde ýa-da Türkmenistanyň tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmagy sebäpli olar tarapyndan daşky gurşawa ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagy, daşky gurşawyň hapalanmagy üçin tassyklanan nyrhlara, töleg kadalaryna we ýetirilen zyýanyň möçberini hasaplamagyň usullaryna laýyklykda bellenilen tertipde, emma olar bolmadyk mahalynda ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagy çekilen ýitgileri, şol sanda elden giderilen peýdany hasaba almak bilen, daşky gurşawyň bozulan ýagdaýyny dikeltmek üçin hakyky çykdajylar boýunça ýerine ýetirilýär.».

II. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat şäheri.*
*2015-nji ýylyň 18-nji awgusty.*
*№ 281-V.*

# ЗАКОН ТУРКМЕНИСТАНА

## О внесении изменений в Закон Туркменистана «Об охране природы»*

(Ведомости Меджлиса Туркменистана, 2015 г., № 3, ст. 115)

I. Внести в Закон Туркменистана «Об охране природы», принятый 1 марта 2014 года (Ведомости Меджлиса Туркменистана, 2014 г., № 1, ст. 40), следующие изменения:

1. Пункт 15 статьи 7 изложить в следующей редакции:

«15) разрабатывает и утверждает обоснованные экономические нормативы платы за пользование природными ресурсами, выбросы (сбросы) загрязняющих веществ в окружающую среду и за размещение отходов в пределах установленных лимитов и сверх установленных лимитов, а также для исчисления размера взысканий за ущерб, причинённый окружающей среде юридическими и физическими лицами в результате осуществления ими хозяйственной и иной деятельности либо вследствие нарушения законодательства Туркменистана в области охраны природы;».

2. Пункт 7 части 1 статьи 8 изложить в следующей редакции:

«7) согласовывают в установленном порядке места расположения специальных полигонов для размещения, утилизации и захоронения производственных и бытовых отходов;».

3. Название главы XIV изложить в следующей редакции:

**«ГЛАВА XIV. РАЗРЕШЕНИЕ СПОРОВ В ОБЛАСТИ ОХРАНЫ ПРИРОДЫ. ВОЗМЕЩЕНИЕ УЩЕРБА И ОТВЕТСТВЕННОСТЬ ЗА НАРУШЕНИЕ ПРИРОДООХРАННОГО ЗАКОНОДАТЕЛЬСТВА ТУРКМЕНИСТАНА»**.

4. Статью 61 изложить в следующей редакции:

**«Статья 61. Обязанность возмещения ущерба, причинённого окружающей среде**

1. Юридические и физические лица, причинившие ущерб окружающей среде в результате её загрязнения, уничтожения растительного и животного мира, истощения, порчи,

---

*Перевод с государственного языка Туркменистана

нерационального использования природных ресурсов, деградации и разрушения экологических систем, природных комплексов и природных ландшафтов в результате осуществления своей хозяйственной и иной деятельности либо вследствие нарушения природоохранного законодательства Туркменистана, обязаны возместить причинённый ущерб в полном объёме в соответствии с законодательством Туркменистана.

2. Возмещение ущерба, причинённого окружающей среде юридическими и физическими лицами в результате осуществления ими хозяйственной и иной деятельности либо вследствие нарушения природоохранного законодательства Туркменистана, осуществляется добровольно либо по решению суда.

3. Возмещение ущерба, причинённого окружающей среде юридическими и физическими лицами в результате осуществления ими хозяйственной и иной деятельности либо вследствие нарушения природоохранного законодательства Туркменистана, производится в установленном порядке в соответствии с утверждёнными таксами, нормативами платы за загрязнение окружающей среды и методиками исчисления размера ущерба, а при их отсутствии возмещение ущерба производится по фактическим затратам на восстановление нарушенного состояния окружающей среды с учётом понесённых убытков, в том числе упущенной выгоды.».

II. Настоящий Закон вступает в силу со дня его официального опубликования.

**Президент Туркменистана** **Гурбангулы Бердымухамедов**

*гор. Ашхабад*
*18 августа 2015 года*
*№ 281-V.*